# Ýene bir gezek

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 23 января, 2025
Ýene bir gezek ÝENE BIR GEZEK

Wah, ýene bir gezek täzeden söýsem,
Täzeden yşk ody ýansa synada.
Egnime täzeje köýnegim geýsem,
Duşsañ bagda ýa-da täze kinoda.

Hemem ejap edip töwerek-daşdan,
Şol ýigide gabaklarym galmasa.
Soñam çekinjiräp tanyş-bilişden,
Belenilen duşuşyga gelmesem.

Ýene-de hat gelse, uzak ýol aşyp,
Obañ añry çetindäki ýigitden.
Okasam gijäniñ ýarynda açyp,
Nalamasam gijem bolsa bagytdan.

Yene pynhan duşuşykda diñlesem,
Başym goýup söýýänn kalbyn owazyn.
Gözlerine bakyp doýup bilmesem,
Imrinsem heñine şol täsin sazyñ.

Dideler zarlansa, köñüllller köräp,
Ýene duşuşyga göwün baglasam.
Soñam haýa dursa aýagyn diräp,
Ýygralykdan içim tutyp aglasam.

Ýene duşuşyga, wah, yene, ýene,
Birje gezek duşsa şol söýen gerçek.
Men şol duşuşygyñ bir minudyna,
Bu galan ömrümiñ barynam berjek.

Tagangül TAGANOWA. Goşgular